# Bagtlylyk / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Bagtlylyk / hekaýa BAGTLYLYK




Onuň durmuşda bar zady ýetikdi. Jaý, maşyn, pul… Ýöne, ol barybir bagtly däl… Sebäbi özi gazanmady. Öz gazanmadyk zadyňy sowmak-da adama lezzet berenok. Nämädir bir zatlara güýmenesi geldi. «Kalomar oýny» kinoserialyndaky ýaly adamlary oýnasy, öldüresi geldi. Ýöne, gorkdy. Durmuş kino däl ahyry. Tutarlar, basarlar, wessalam. Hemme zatdan ýadapdy. Çaga, aýal, kinolar, gezelençler… Näme etmeli? Çolaja obany, garryja enesini göresi geldi. Belki ýüregi şol ýerde takat tapar… Günde şol bir gaýtalanyp duran durmuş onuň bizar-peteňini çykarypdy. Gymyldasa hyzmata häzir hyzmatkärler ony şol garawullap ýördüler, aýakgabyna çenli geýdirip berýärler. Oňa bu uly miras kakasyndan galypdy. Garry enesi bolsa bu baýlyga garamazdan çola obada galypdy. Ol enesiniň ýanyna gitmek üçin ýol şaýyny taýýarladyp, ulaga mündi. Müneninden hem uklap galdy…
Ulagyň birden saklanmagyna tisginip turdy. Görse, awtobusdan

düşmeli duralgasyna gelipdir. Bäh, bu gün aýlyk berilýän güni ahyry. Ol özüni şeýle bir bagtly duýdy. Bu gün çagalaryna doňdurma alyp berer, towuk etini satyn alyp, aýalyna palaw bişirder. Ownuk-uşak bergilerini berişdirer. Maşyn almak üçin her aýda ýygnap ýörenje puluna hem biraz goşant goşar. Ol şeýle bir bagtlydy… Ýokarda düýşünde gören durmuşy bilen şu wagtky durmuşyny deňeşdirip gördi. «Ýok, şu wagtky ýeter-ýetmez bagtly durmuşym gowy eken» diýip, içini gepleden boldy garaz il ugruna. Soňra-da «Birden bagtyň çüwüp, şoň ýaly pul-baýlyk eliňe düşäýse-hä, özüňi bagtly duýmagyň ýoluny tapsa-ha bolardy welin, aý bolýar-da…» diýip, çyn ýürekden hüňürdedi bardy, tä iş ýerine baryp, aýlygyň nobatyna durýança… Hekaýalar